# Meni oýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Meni oýar MENI OÝAR

Aşyk-magşuk bir-birege,
Sarpa saklar, gadyr goýar.
Ýakymy jaýdar ýürege,
Göz gürleşer, göwün doýar.

Kyn mysala seniň özüň,
Anyк görsem aýdyň ýüzüň,
Bakyşy bar gara gözüň,
Kalbym sende mähir duýar.

Aramyzda çynmy-ýalan,
Ýokdur hiç zat, ýatda galan?!
Tükeniksiz ünji bolan,
Tap-kuwwatym şoňa uýar.

Akyl almaz ýaşymmy bu,
Tagaşyksyz işimmi bu?
Huşdur öýden düýşümmi bu,
Sen yralap meni oýar.

Inçe bili dolap alyp,
Hyjuw odun ýola salyp,
Ýere eňip, göge galyp,
Göwün guşum seni söýer.

Awum aňtap busa bilsem,
Tutup bagra basa bilsem,
Huşdan gidip «esse» gelsem,
Mährim ganmaz, «Ýene» diýer.

Bak, gözüme gör, intizar,
Tapdan düşdüm, çekip azar,
Illi aýdar, aglap zar-zar,